# KERREWLIGIŇ WE KERLIGIŇ INNOWASION BARLAG USULLARYNY AMALYÝETE ORNAŞDYRMAKLYGYŇ NETIJELILIGI*

**Täçmyrat Garaýew,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Gulak, burun, bokurdak keselleri kafedrasynyň müdiri, lukmançylyk ylymlarynyň doktory*

**Maýa Annaseýidowa,**
*Arkadag şäheriniň Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkeziniň otorinolaringolog lukmany*

**Selbi Garaýewa,**
*Halkara sagaldyş-dikeldiş merkeziniň Kabul ediş bölüminiň otorinolaringolog lukmany*

## Gysgaça beýan

*Bu makalada ýurdumyzda kerligi we kerrewligi irki döwürlerde ýüze çykarmak maksatlary bilen amalyýete ornaşdyrylýan eşidişiň innowasion, obýektiw barlag usullaryna ylmy nukdaýnazardan baha berilýär. Şeýle-de geçirilen ylmy-barlag işleriň çäklerinde işlenip düzülen barlag-bejergi çäreleriniň kämilleşdirilen netijeli usullarynyň yzgiderliligi, kiçi ýaşly çaganyň eşidişiniň öý şertlerinde kesgitlemegiň aýratynlyklary beýan edilen.*

**Esasy sözler:** akumetriýa, akustiki impodansometriýa, otoakustiki emissiýa (ehoskrining), gysgalatent eşidişiň döredilen potensialy ýa-da Brainstem Evoked Response Audiometry, eşidişi öý şertlerinde kesgitlemek.

Türkmenistanda otorinolaringologiýa hyzmatynyň hilini ýokarlandyrmak işi boýunça ýörite maksatnamalara we meýilnamalara salgylanyp birnäçe işler amala aşyryldy. Olardan Halkara Saglyk Merkezleri müdiriýetiniň Kelle we boýun kesellerini bejeriş halkara merkezinde we Lebap welaýat köpugurly hassahanasynda gulak, burun, bokurdak (GBB) bölümleriniň, Mary welaýat çagalar hassahanasynyň we «Awaza» şypahana toplumynyň düzümindäki häzirki zaman barlag, bejergi enjamlary bilen üpjün edilen otorinolaringologik otaglaryň açylyp ulanylmaga berilmegini we beýlekileri mysal getirse bolar. Şeýle-de soňky ýyllarda şäher, etrap saglyk öýleriniň, hatda käbir dogrumhanalaryň GBB kesellerini anyklamaklyga, bejermeklige giň mümkinçilikler açýan häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilmegi otorinalaringologiýanyň barlag we bejergi işlerini hil taýdan ýokarlandyrmaklyga ýardam etdi. Şeýle mümkinçilikleri döredip berýändigi üçin ähli lukmanlaryň Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza bolan uly minnetdarlygyny aýratyn bellemek gerek.

Gazanylan üstinlikler GBB kesellerini wagtynda anyklamaga we döwrebap usullary amaly tejribä ornaşdyryp, ýokary hilli bejergileri geçirmäge ýardam berýär.

Ýeri gelende bellesek, häzirki zaman audiologik enjamlary bilen üpjün edilen merkezlerde audiologiýanyň mümkinçilikleri hem ep-esli artdy. Eşidişiň barlag we bejergi usullary düýpgöter kämilleşdirildi. Irki çagalyk döwründe eşidişi obýektiw barlamak hem-de ker-lal çagalary bejermek

* Garaýew T.A. e-mail: tgarayew@mail.ru

mümkin däl diýlen meselelere täzeden seredildi (Atamyradow, Garaýew, 2008; Annaseýidowa, Garaýew, Joraýewa, Hojaýewa, 2018).

Kerrewlik Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň (BSGG) resmi maglumatlaryna görä ilatyň 5% düzýär we ýylsaýyn köpelýär. Edilýän çaklamalara görä, 2050-nji ýyla çenli takmynan 2,5 milliard adam pes eşidişden ejir çeker we şolardan 700 million adam reabelitasiýa kömegine mätäç bolar [Informasion bülleten № 300, 2015]. Russiýaly alymlaryň maglumatlaryna görä, her 1000 bäbekden 1 bäbek eşidişiň bozulmasy bilen dogulýar (Garaýew, Annaseýidowa, Annamyradowa, 2022). Şu wagta çenli bu keseliň biziň ýurdumyzdaky aýratynlyklary ylmy nukdaýnazardan doly derejede öwrenilmedik. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň wezipe orunlaryndan daşary baş surdologynyň ýyllyk hasabatlaryna görä kerlikden we kerrewlikden ejir çekýän näsaglaryň sany biziň ýurdymyzda hem azalmaýar hem-de durmuş-ykdysady meseleleriň biri bolmagynda galýar (Saparalyýewa, 2023).

Edebi maglumatlarynyň şaýatlyk etmegine görä, eşidişiň peselmegi adamlaryň özara aragatnaşygyny kynlaşdyrýar. Irki çagalyk döwrinden eşitmeýän çagalar ker-lallyga sezewar bolýarlar. Şol sebäplere görä hem ker-lallyk otiatriýanyň örän wajyp meseleleriniň biri bolmagynda galýar. Eşitmeýän çagalara geplemäni öwredip bolmaýar, şonuň üçin hem olara el hereketleriniň üsti bilen gatnaşyk etmeklik öwredýärler. Ker-lallykda ejir çekýän çagalar  irki çagalyk döwründen başlap, adamlaryň gürrüňini, hatda öz seslerini hem eşitmeýär. Ker-lallygyň döremegine. köplenç, gulagyň dogabitdi kemçiligi, irki çagalyk döwründe meningit, labirintit ýa-da grip keselleri we ş.m. sebäp bolýar (Annaseýidowa, Garaýew, Joraýewa, Hojaýewa, 2018; Garaýew, Annaseýidowa, Annamyradowa, 2022; Гарбарук, 2006).

**Işiň maksady:** eşidişi barlamaklygyň innowasiýaly, obýektiw usullarynyň netijeliligine baha bermek.

Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň GBB keselleri kafedrasy we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň S.Nyýazow adyndaky Bejeriş-maslahat beriş Merkeziniň Gulak, burun, bokurdak keselleri we Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy kliniki merkezi 2017-2019-njy ýyllar aralygynda 0-15 ýaşa çenli 2280 çagalarda audiologiki barlag işleri ýerine ýetirildi we ýaňy doglan 19617 bäbeklerde ehoskrining barlaglar geçirildi.

Keseliň gutarnykly kesgidini anyklamak maksady bilen: umumy kliniki, akumetriýa, audiometriýa we ýurdumyzda täze ornaşdyrylýan – otoakustiki emissiýa (ehoskrinik), gysgalatent eşidişiň döredilen patensialy ýa-da BERA (Brainstem Evoked Response Audiometry) – synag, berafon, timpanometriýa barlag usullary ulanyldy. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda rentgen barlaglary geçirildi. Şeýle-de beýleki inçe hünärmenleriň: otorinolaringolog, newrolog, pediator, psiholog we logoped gözegçiliklerinden, maslahatlaryndan peýdalanyldy.

**Kliniki barlag usullary.** Çaganyň eşidişini öý şertlerinde aňsat usul bilen barlap bolýanlygyny tassyklady, ýagny onuň golaýynda eliňi çarpsaň gözüni gyrpýar. Çaga 1 aýlykdan soň ses gelýän tarapa gözüni aýlaýar we soňra kellesini hem öwürýär. Ýöne eşidişi pes we ker çagalar käbir güýçli sesleri duýup bilýärler. Bu pes ýygylykly sesler: uçaryň sesi, öý enjamlarynyň hereketlendirijileriniň sesi, gapynyň ýapylýan sesi, bir zadyň ýokardan gaçma sesi. Şeýle ýagdaýlarda ene-ata çaga eşidýärmikä diýip pikir edýär.

Kiçi ýaşly çaganyň eşidişi öý şertlerinde kesgitlenilende indiki aýratynlyklar ýüze çykaryldy:

– sag çagalar ilkinji sözi aýdýançalar gepleýşi çekimli seslerden başlaýarlar. Barlagda bolan kiçi ýaşly çagalaryň 37% sözleri agzyny açman hereket bilen düşündirýärler, ýöne ene-atalar olara çalt düşünip, näme aýtjak bolýandyklaryny bilýärler;

– eşidişi pes bolan çagalar ilkinji sesleri, sözleri aýtmakdan örän yza galýarlar we köplenç, dogry aýtmaýarlar. Kerlikde sesler hiç hili intonasiýasyz birsyhly çykýar. Bu ýagdaý çaganyň ýaşaýşynyň birinji ýylynda ýüze çykýar;

– eşidişi pes we ker çagalar diňe käbir güýçli sesleri duýup bilýärler. Bu pes ýygylykly sesler: uçaryň sesi, öý enjamlarynyň hereketlendirijileriniň sesi, gapynyň batly ýapylýan sesi we ş.m.;

– çagalaryň şertsiz reflektor jogaplaryny barlamak bolýar, ýagny gulak-gabak (auro-palpebral), gulak-göreç (auro-pupulýar), diňşirgenmek reaksiýalary we beýl. Mysal üçin, garaşylmadyk sesi eşidýän çaga gözüni gyrpyp jogap berýär ýa-da sesiň çykýan ýerine ýüzüni öwürýär, eşitmeýän çagalar bolsa ol sese hiç hili jogap bermeýär.

Tonal audiometriýa barlagy – howadan we süňkden ses geçirijiligi barlanýldy. Eşidiş bozulmasynyň görnüşini we derejesini anyklanyldy. Audiometriýa barlagy çagalarda 6 ýaşdan geçirildi. Eşidişiň derejesi «Maico» audiometriň kömegi bilen anyklanyldy. Eger çaga 25 Db çenli sesleri eşitse, onda eşidişi kadaly hasaplanylýar. Eger 25Db ýokary seslerde eşitse, onda kerrewligiň dürli derejesi anyklanylýar.

**Eşidişiň innowasion obýektiw barlag usullary.** Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzda ylmy ösdürmek baradaky alyp barýan taglymatlary netijesinde, dünýä ylmynyň gazanan üstünlikleri we ýokary tehnologiýaly innowasion usullary amaly tejribä giňden ornaşdyrylýar. Aýdylanlar bilen baglanyşykly audiologiýa ugrundan hem ýurdumyzyň innowasion özgertmeleri başdan geçirýänligini bellemek we audiologiýanyň Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan aýratyn ugur hökmünde bellige alynmagy has hem ýakymlydyr. Ýurdumyzda amalyýete ornaşdyrylýan eşidişi barlamaklygyň käbir innowasion usullarynyň netijeliligi:

– akustiki impedansometriýa ýa-da timpanometriýa, berafon usuly (*1-nji surat*).



a b ç

**1-nji surat. Ýurdumyzda täze ornaşdyrylýan eşidişiň obýektiw barlag usul enjamlary:**
*a – «Race Car» Timpanometr – kiçi çagalarda awtomatik usul bilen timpanogramma geçirmek üçin niýetlenen; b – «MAICO MI 34» ululardа we çagalarda awtomat usuly bilen impedans testi refleksleri anyklamak we eşidiş turbasynyň ýagdaýyny bilmek üçin niýetlenen; ç – Berafon enjamy – has gysga döwürde bäbekleriň eşdişini anyklamak üçin ulanylýar*

Bellenilen usullar gulakdaky basyşy, eşidiş turbasynyň funksiýasynyň ýagdaýyny, deprek perdesiniň hereketini, bitewiligini, eşidiş süňkjagazlaryň zynjyrynyň hereketini hem-de akustiki refleksiň ýetmezçiligini anyklamaklyga mümkinçilik berdi. Bu barlagyň netijesinde eşidişiň konduktiw görnüşli ýitirilmegi anyklanyldy.

Otoakustiki emissiýa (OAE) obýektiw barlag usuly bolsa, ses gyjyndyryjylaryna duýgur içki gulak barlananda alynýan akustiki jogap (*2-nji surat*).



a b ç

**2-nji surat.**

*a – «MAICO MA 52» tonal audiometri – 5 ýaşdan ýokary çagalarda we ulularda eşidişiň bozulmalarynyň görnüşini, derejesini anyklamak üçin niýetlenen; b – eşidişiň Pilot testi – kiçi çagalarda oýun we gepleýiş audiometriýasyny geçirmek üçin niýetlenen; ç – «MAICO» otoakustik emissiýanyň geçirilişi*

Bu usul  ýaňy doglan bäbeklerde kerrewligi ýüze çykarmaga mümkinçilik döretdi. Nazary taýdan bellenilende bu usulda, sesi geçirmek üçin elektriki impulslar eşidiş nerwinden kelle beýnä barýar, ses gyjyndyryjylaryna kelle beýni sütüni jogap berýär, ýagny kelle beýniniň seslere fiziologik duýujylygy.

Otoakustiki emissiýa enjamy bilen bäbekleriň eşidişi 3 tapgyrda barlandy. 3 günlük bäbek ukuda ýatyrka, ujuna rezin beruşa dakylan zondy daşky gulak geçelgesine dakylyp, mikrofondan ses berlip eşidişi barlanýar. Eger enjamyň ekranynda ýaşyl reňkde şkala galyp, soň «PASS» ýazylsa, onda eşidiş bar hasaplanylýar. Eger «REFER» ýazylsa, onda eşidişi ýok hasaplanylýar. Bu bäbekler dogrum öýünden çykarylanda maşgala lukmanynyň gözegçiligine iberilýär we 1 aýdan gaýtadan barlaga çagyrylýar. Eger 2-nji tapgyrda-da eşidişi görkezmese, onda kerrewligiň derejesini anyklamak üçin Anyklaýyş ýa-da Newrologiýa merkezlerine Bera-test barlagyna iberilýär. Kesel anyklanylandan soň, kerrewligiň görnüşine we derejesine baglylykda bejergi berilýär.

Hemme çagalar ilkinji sözi aýdýançalar gepleýşi çekimli seslerden başlaýarlar. Köp çagalar agzyny açman, hereket bilen düşündirýärler. Ýöne ene-atalar olara çalt düşünip, näme aýtjak bolýandyklaryny bilýärler.

Eşidişi pes bolan çagalar ilkinji sesleri, sözleri aýtmakdan örän yza galýarlar we köplenç, dogry aýtmaýarlar. Kerlikde sesler hiç hili intonasiýasyz birsyhly çykýar. Bu ýagdaý çaganyň ýaşaýşynyň birinji ýylynda ýüze çykýar we ene-atanyň lukmana ýüz tutmagyna getirýär. Näçe ir eşidiş bozulmasy ýüze çykarylsa, şonça ir sebäbi anyklanyp, kerrewligiň öňüni alyp bolýar.

BERA testiň kömegi bilen eşidiş enjamynyň bitewilik ýagdaýy, hadysanyň topografik taýdan ýerleşýän ojagy we eşidişiň peselmesiniň derejeleri kesgitlenildi.

Kerrewlik we kerlik ýüze çykan çagalary ýaşlary boýunça öwrenilende: I ýerde 4-7 ýaş (48,3%), II ýerde 8-14 ýaş (26,3%), III ýerde 0-3 ýaş (25,4%) aralygyndaky çagalarda duş gelýänligi ýüze çykaryldy. Ýokary ýaşdaky çagalarda kerrewligiň ýygylygynyň ýokary derejelerde ýüze çykarylmagynyň esasy ene-atalaryň surdolog lukmana giç ýüz tutýanlygy bilen düşündirse bolýar.

Şeýlelikde, kerrewligi irki döwürde anyklamak, bejermek, gözegçilikde alyp barmak olaryň durmuşa üstünlikli uýgunlaşmaklygyna ýardam eder, ol çagalaryň ýaşaýyş hilini gowulandyrar we maýyplygyň öňüni alar.

Otoakustiki emissiýa barlagy çaga 3-4 gün bolansaň, eger kerlige guman edilse ol barlag 1 aý we 3-6 aýlykda gaýtalanyp geçirilmeli. Soňra bera-test, KT, MRT barlaglary geçirip GBB, pediatr, newropatolog, psihonewrolog lukmanlarynyň barlaglaryny geçirip, keseliň gutarnykly kesgidini anyklamaly hem-de bejergi taktikasyny kesgitlemeli.

## EDEBIÝAT

1. «Saglyk» döwlet maksatnamasy, 2021.
2. «Türkmenistanda ösüş pediatriýasy we irki goşylyşma ulgamyny ornaşdyrmagyň Konsepsiýasy» we ony ýerine ýetirmegiň 2016-2020-nji ýyllar üçin hereketleriň meýilnamasy.
3. *Atamyradow M.A., Garaýew T.A.* Eşidiş analizatory. – Aşgabat, 2008.
4. *Annaseýidowa M.Ýa., Garaýew T.A., Joraýewa G.R., Hojaýewa G.Ýo.* Çagalarda kerrewligi anyklamakda käbir innowasion barlag we bejergi usullarynyň netijeleri «Saglyk-2018», atly ylmy-amaly maslahaty. – Aşgabat, 2018 ý., sah.161.
5. *Garaýew T.A., Annaseýidowa M.Y., Annamyradowa G.J.* Eşidişiň barlagynyň çagalardaky aýratynlyklary. – Aşgabat, 2022.
6. *Saparalyýewa E.M.* Türkmenitanda audiologiýa gullugnyň ýagdaýy barada hasabat. – Aşgabat, 2023.
7. *Гарбарук Е.С.* Отоакустическая эмиссия в группе глубоконедоношенных младенцев. Российская оториноларингология – №1(20) – 2006 – стр. 48-51.